# Ýaraly ýüregiň owazy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ýaraly ýüregiň owazy ÝARALY ÝÜREGIŇ OWAZY

Ýürekde ot goýan perizat keşbiň,
Ýakymly garaýşyň, owadan näziň,
Siller eýgermejek ýalynly yşgym,
Biperwaýluk bilen sowadan özüň.

Saňa diýer ýaly sözem galmady,
Duýgularym hazan ýele sowrulan.
Ýürek ajy dymyp, gözlem aglady,
Yhlasym gar ýaly güle öwrülen.

Ýetim oglanjyk deý mäledi ýürek,
Oňa döze bilmän ýagyşlar dymdy.
Saňa sag bol aýdýan nällete derek,
Hiç zada gerekmez bagyşla indi.

Sag bol, serwi boýlym, perizat melek,
Minnetdar yşk bilen telbe eýlediň.
Birje pursat edip meni janserek,
Aýralyk peýkamyn kalba çüýlediň.
Sylapberdi Muhamow. Goşgular